Ol ösümlik we ýüpek gurçugynyň utgaşmagy netijesinde emele geldi.

Guradylan pile Aşgabadyň we Türkmenabadyň fabriklerinde gaýtadan işlenip, çig ýüpek öndürilýär. Pileden ýüpegiň çykmagy 30-35 %-e barabar.

Ýüpek kelepleýji fabriklerde öndürilýän çig ýüpek Türkmenabadyň ýüpek mata kombinatynyň çig mal bazasydyr. 1 metr ýüpek mata almak üçin 40-80 gram çig ýüpek harç etmeli, 1 tonna gury pileden 4000 metr krepdeşin mata öndürilýär. 1 kg gury pileden 4 metr mata almak bolar. Önümçilik işleriniň gyzgalaňly alnyp barylýan döwründe oba hojalygynda ýüpek gurçugyny ösdürip ýetişdirmek we ondan ýokary hilli önüm almak boýunça taýýarlyk görülýär. Ýüpek gurçuklary idedilip başlanmazdan 10-12 gün öň gurçuk idediljek jaýlary arassalamaly we zyýansyzlandyryş işlerini geçirmeli. Gurçuk idediljek jaýlara gerek bolan enjamlary ýylatmak üçin peç, ýylylygyny ölçemek üçin termometr goýmaly. Ýüpek gurçuklaryny talaba laýyk idedilip, ýokary hilli pile almak ýüpekçilik işiniň iň jogapkärli we örän hysyrdyly döwrüdir. Ýüpek gurçuklary idedilýän döwründe olaryň ýaş aýratynlyklaryna görä, tut ýapragyny bermegiň hem düzgünleri bardyr. Gurçuklaryň birinji ýaşynda bir gije-gündiziň dowamynda ownuk gyrkylan tut ýapraklary bilen 10-12 gezek, ikinji ýaşynda iri gyrkylan ýapraklar bilen 8-10 gezek, üçünji ýaşynda bolsa tutuş ýapraklar bilen 7-8 gezek iýmitlendirilýär. Gurçuklara dördünji ýaşynda tuduň ýapraklary gysgajyk baldaklary, 0.5 metr çemesi çybyklary, bäşinji ýaşynda bolsa 1 metr çemesi uzynlykdaky çybyklary berilýär. Pile saramak ýüpek gurçuklarynyň ömrüniň iň möhüm döwrüdir. Gurçuk pile sarap bolandan soň, olary bimaza etmeli däldir. Çünki munuň özi piläniň ýaramazlaşmagyna sebäp bolýar. Hatda gurçugyň pile saramazlygyna hem eltip bilýär. Gurçuklaryň kadaly ýagdaýda pile saramagy üçin sübselik gerek bolýar. Biziň ýurdumyzyň şertlerinde sübselik üçin bozagan, sygyrguýruk, ak kert, selin ulanylýar. Sübselikleri öz wagtynda goýmaly, bu iş gijikdirilen ýagdaýynda pile sarajak gurçuklar pes hilli pile saraýarlar. Gurçuklaryň bir bölegi bolsa pile saramaga ýer gözläp öz bedenindäki ýüpek mäzlerini ýitirýärler. Piläniň içindäki gurçuklaryň ýagdaýy kadaly bolanda 6-7 günden soň gundaga öwrülýär. Şoňa görä pile ýygnamak işine gurçuklar köpçülikleýin pile sarap başlandan 7-8 gün geçenden soň girişmek maslahat berilýär. Pile ýygnalanda olary hili boýunça aýratyn ýygnamaly. Ýüpek gurçuklary idedilende beýan edilen kadalaryň, düzgünleriň berjaý edilmegi ýokary hilli, bol pile önümini ýetişdirmäge doly mümkinçilik döreýär.

**Merdan PIRLEKOW**
**S.A.Nyýazow adyndaky**
**Türkmen oba hojalyk uniwersitetiniň uly mugallymy,**
**oba hojalyk ylymlarynyň kandidaty**

Все права защищены

save pdf date >>> 22.11.2024